# Sähra güli

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sähra güli SÄHRA GÜLI



Nowruzyň hyjuwy sepdimi tohum,
Elwan reňki berdimi ýa ýyldyrym?!
Saňa sähraň ýeli salypdyr demin,
Otyrsyň sen güneş kibi ýylgyryp.
Otyrsyň görkberip giden äleme,
Näzijek ýapraklaň keýpli gerinýär.
Gujagynda Hydyr gezen ýaýlamda,

Sen şeýle owadan, gözel görünýäñ.

Çar ýanyñ gurşapdyr, çomuç, jümjüme,
Torgaýlar üstünde perwaz eýleýär.
Kä daýym ak guşlar çalyp «jüljüle»,
Uçup-gonup señ gaşyñda eglenýär.

Sen otyrsyñ ýazyp näzik egniñi,
Hem şeýle nur saçýañ – ýaşamak hezil.
Her säherde tylla Güni garşylap,
Şeýdip ak dañlaryñ çygyna ezil.

Baharyñ ak ýagşy sepdimi tohum?! –
Sähra güli, sen sähranyñ bezegi.
Ýeke şaýa alman dünýäniñ gohun,
Ýaşap ýörsüñ, sen gülleriñ gözeli.

Näzik ANNATYÝEWA. Goşgular